# Gijeki gapydanyň ýazgylary / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Powestler,Romanlar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gijeki gapydanyň ýazgylary / hekaýa GIJEKI GAPYDANYŇ ÝAZGYLARY




21 noýabr 22 s. 30 min. Gijeki gapydan (portýe) Kawender, myhmanhanada nobatçylyga başlady. Hemme zat gowulyk.
Sezar Elwin Kawender
Bellik edýän, gijeki gapydan Kawender, üçünji gezek nobatçylykda ýatýar. Düýn ol, göni hollda, ýaýkyldak-kürsüde çalam-çaş bolup, öliň ukusynda ýatyrdy. S.E.Kawender işden çykaryldy.
Gijeki gapydan Hillýard! Şundan beýläk siz gijeki hadysalar dergisini ýöredersiňiz. Myhmanhanada bolýan ähli zatlary jikme-jik ýazyň. Öňki gullukçymyz Kawenderiň karýerasyny nähili tamamlandygynam ýadyňyzdan çykarmaň.
W.A.Inskip, müdir

22 noýabr 23 s.00 min. Gijeki gapydan Hillýard myhmanhanada nobatçylyga başlady. Kabul etdim: elektrik çyrasy – bir,

ýahdanlaryň açary – iki, 1, 3, 6, 10 we 13 otaglaryň açarlary, otuz iki çüýşe karib buzasy hem-de iki guty hawana sigary. Buza bitin hem abat, bar gulply, hadysa ýok.
Ç.E.Hillýard

23 noýabr 7 s. 00 min. Gijeki gapydan Hillýard gapydan Wignalise nobatçylygy, şeýle hem elektrik çyrasy – bir, ýahdanlaryň açary – iki, 1, 3, 6, 10 we 13 otaglaryň açarlary, otuz iki çüýşe karib buzasy hem-de iki guty hawan sigary tabşyrdym. Buza bitin hem abat, ba:r gulply, hadysa ýok.
Ç.E.Hillýard

Gijeki gapydan Hillýard! Jenap Uilsden şikaýat geldi. Näme üçin ony ba:ra goýbermänsiňiz? Näme üçin bu myhmanhanany saklaýandygymyz size mälimmi? Biziň myhmanlarymyzyň hemmesi islän wagty ba:ra baryp bilýärler. Siziň işiňiz – olaryň näme alýandygyny bellemek. Şunuň üçinem size buza hem çilim goýulýar. Onsoňam, “hawana” däl-de “gawana”.
W.A.Inskip, müdir

Jenap müdir, berjaý ederis! Oňat bilim almandygyma ökünýän, jenap! 24 noýabr 23 s. 00 min. Gijeki gapydan Hillýard myhmanhanada nobatçylyga başlady. Barmen 24 s. 00 min. gitdi. Jenap Uils bilen ýoldaşlary ba:rda 1 s. 00 min. çenli boldular. Jenap Uils on alty çüýşe karib buzasyny aldy, jenap Uilson – sekiz, jenap Persi – sekiz. 2 s. 00 min. jenap Uils ba:ra dolanyp, ýene dört çüýşe buza bilen çörek aldy. Ol nanyň deregine elini kesdi, şoň üçin halydaky gan babatda ynjalykdan gaçmaň, jenap. 6 s. 00 min. jenap Uils sodasuw almaga geldi, emma o ýok eken, ol oňa dereke zenjebil buzasyny aldy. Görşüňiz ýaly men yhlas edýän, jenap. Kawenderiň şu işde nädip ýatyp bilendigine düşünemok.
Ç.E.Hillýard

25 noýabr 24 s. 00 min. Barmen 24 s. 20 min. gitdi. Jenap Uils bilen ýoldaşlary ba:rda 1 s. 20 min. çenli oturdylar. Jenap Uils sekiz çüýşe karib buzasyny aldy, jenap Uilson – on iki, jenap Persi – sekiz, Pol diýilýän adamam – on iki. On ikinji

otagdaky hanym Rosko 24 s. 33 min. jenaplaň ýanynda oturdy. Iki sany goşa jin aldy. Olar ony “Trinidadly Minni” diýip atlandyrýarlar. Toparyň hemmesi ilk-ä ba:rda, soňam hanymyň otagynda gitara çalyp aýdym aýtdy. 24 s. 12 min. ýanyma nätanyş jenap gelip, jaň etmäge rugsat sorady. Ol belgini aýlaýança, ýene ýedi adam üýşdi – boluşlaryndan ony biraz ýençmekçidikleri bildirýärdi, ýöne ol telefony taşlady-da, ökjäni göterdi. Umuman, hemme zat gowulyk!
Ç.E.Hillýard

Gijeki gapydan Hillýard! Siziňçe “hemme zat gowulyk” nämäni aňladýar? Men bildim, elbetde sizden däl, gijelerine myhmanhana polisiýa gelip başlapdyr. Polisiýanyň gelen wagtyny belläň.
Inskip, müdir

Jenap, hemme zat gowulyk – bu hemme zatda oňatlykdygyny aňladýar. Size hiç ýaranyp bolmady, jenap. Bilemog-aý, şu zamanda gijeki gapydandan näme islenilýändigini. Bahym, günäsini götermäýin welin, Kembriji tamamlandygy hakda diplom talap edäýmeseler. Eger-de bilimsiz bolsam, onda her kese meni kemsitmek bolýar-da? 26 noýabr 24 s. 00 min. Barmen 24 s. 25 min. gitdi, jenap Uilsdir hanym Rosko bolsa ba:rda galdylar. Olar 24 s. 30 min. gitdiler. 1 s. 40 min. jenap Uils bilen ýoldaşlary ýene ba:ra gelip, 2 s. 55 min. çenli keýp çekdiler. Diňe iki çüýşe buza galdy. Poliseýler 2 s., 3 s. 04 min. hem-de 4. 52 min. geldi, esli wagtlabam ba:rda güýmendiler. Yzky howluda ok atdylar. Anyklaýjylar gelip, sorag-ideg etdi. Otag 5-däki jenap London 80 senti bilen çilim gutusyny ogurlandyklaryny aýtdy. Bu myhmanhanada adamlar haçan ýatýarka!
Ç.E.Hilýard

Gijeki gapydan Hillýard! Ogurlanan zat has köp. Gije birnäçe otagy saplapdyrlar, şol sanda meniňkinem. Sizi şeýle ýagdaýlaň ýüze çykmazlygy üçin hakyna tutdular. Megerem myhmanlarymyzyň ahlagy baradaky alada, öz borçlaryňyzy ýerine ýetirmekden ünsüňizi sowýandyr. Siz gijelerine näme işleýärsiňiz?

Inskip, müdir

Jenap müdir! Men elimden gelenini edýän, ýöne, Hudaý şaýat, men gijeki gapydanyň, hatda başga zada wagtam galman, munça kän çyrşamaly bolýandygyny bilmändirin. Meniň dört elimem ýok, alty gözümem. Jenap Uilsdir ýoldaşlaryna gözegçilik eder ýaly maňa kömekçi beriň.
Ç.E.Hilýard

Gijeki gapydan Hillýard! Şundan beýläk geldi-geçer bigäneleň myhmanlarymyza azar bermezligine gözegçilik etmek borjy üstüňize ýüklenýär. Myhmanhanada kimiň ýaşaýandygy hakda hiç maglumaty bermeli däl. Mundan beýlägem ähli kesekileri göni meniň ýanyma ýollamaly.
Inskip, müdir

27 noýabr 24 s. 25 min. Barmen 1 s. 00 min. gitdi. Jenap Uils bilen ýoldaşlary ba:rda galdy. Jenap Uils on iki çüýşe karib buzasyny aldy, jenap Uilson – alty, hanym Rosko – üç goşa jin. 1 s. 30 min. hanym Rosko gitdi. Poliseýler 1 s. 35 min. geldi. 1 s. 55 min. olaryň Pol diýip atlandyrýan adamy maňa on ikinji otaga galyp, Minnä Malkolmyň gelendigini, ýagny “gämi, hut ýaňyja duralga urganyny iltedi” diýen ýaly edip aýtmagy buýurdy. Menem, onsoň, hanymyň otagyna galdym-da, Malkolmyň gelendigini, ýagny, gämiň hut ýaňyja duralga urganyny iltändigini aýtdym. Hatyn serhoşlukdan bada-bat açyldy-da, gygyryp ugrady: “Men nirde bukulmaly? Nirde bukulmaly?”. Dälize ylgap çykdy-da, ýüzugruna-da müdiriňkä eňdi. 2 s. 05 min. gördüm – däliziň ugry bilen nähilidir birhili çypar şilliň ylgap gelýär. Men soradym, ony biri çagyrdymy ýa ýok, o bolsa jogap berýär: “Kellämi agyrtma-da, aýt, o nirde”. Menem onsoň ony tabşyryga laýyklykda göni müdiriňkä ýollaýan. Bäş minutlap dagam eşidýän, diňe “gümp-gümp”, “tark-tark” hem-de aýal çykylygy. Soňra ähli zat ýuwaşan ýaly boldy. Çypar, hanym Roskony süýräp çykardy-da, kireýçide äkitdi. Bilemok, soňky döwürler, gijeki gapydandan näme isleýändiklerini, ýöne men-ä polisiýadaky ýaly ümsümje iş isleýän.
Ç.E.Hillýard

Jenap Hillýard! Jenap Inskipiň oslagsyz keseli sebäpli men myhmanhanaň müdiriniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetirýän. Dergini ýöretmegi dowam ediň, ýöne mümkin boldugyndan gysga ýazyň.
Robert Magnus, müdiriň w.ý.ý.

28 noýabr, 22 s. 30 min. Ç.E.Hillýard myhmanhanada nobatçylyga başlady. Hemme zat gowulyk. Barmen – 24 s. 00 min. 2 s. 00 min. – jenap Uils 2 çüý. buza; 6 s. 00 min. – jenap Uils bir sodasuw, 7 s. 00 min. – gijeki gapydan Hillýard gapydan Wignalise nobatçylygy tabşyrdy, şeýle hem elektrik çyrasy – bir, ýahdanlaryň açary – iki, 1, 3, 6, 10 we 13 otaglaryň açarlary. Ba:r gulply, hadysa ýok.
Ç.E.Hillýard

© *Widýadhar Surajprasad Naýpol*



*Widýadhar Surajprasad Naýpol (17.08.1932 – 11.08.2018), trinidadly, asly hindi, iňlis dilinde ýazan ýazyjy, 2001-nji ýylda edebiýat boýunça Nobel baýragynyň eýesi. Nobel baýragy oňa: “Adatça ara alyp maslahatlaşylmaýan zatlar barada bizi oýlanmaga mejbur edýän gaýduwsyz dogruçyllygy üçin” berlipdir. Onuň özünden 13 ýaş kiçi dogany, 40 ýaşynda işläp otyrka ýüregagyrysy tutup, aradan çykan Şiwadhar Şriwinasa Naýpol*

*(1945-1985, Şiwa Naýpol) hem adybelli iňlis habarçysy, ýazyjysydyr.*
*W.Naýpol Trinidad adasynda garyp hindi maşgalasynda dünýä inipdir. 1950-nji ýylda Oksford uniwersitetinde okamak üçin stipendiýa mynasyp bolandan soň Angliýa göçüpdir. 1953-nji ýylda sungat bakalawry derejesini alypdyr. Onuň öz ýatlamalaryna görä W.Naýpol ençeme ýere iş sorap ýüz tutandygyna garamazdan, hiç kimden jogap bolmandygy sebäpli ýazyjylyga baş urupdyr. Şol sebäplem ol özüni hemişe bişow adam hasaplapdyr. Onuň hatda ýaşlykda öz janyna kast etmäge synanyşygam şowsuz tamamlanypdyr – onuň demigip ölmek üçin açan gaz plitasy, gaz töleginiň tölenmändigi üçin gazyň öçürilendigi sebäpli öçüp galypdyr.*
*Häzirki wagtda W.Naýpoly "Gardian" gazeti "iňlisdilli ýazyjylaryň içinde beýikleriniň biri" diýip yglan etdi. Onuň "Syrly owujy" (massažçy) atly 1957-nji ýylda neşir edilen romany, "Çyndäller" (1967), "Gerilýa" (1974) romanlary, "Adanyň depesindäki baýdak" (1967) atly powestler we hekaýalar ýygyndysy, "Dünýä barýan ýol" (1994) terjimehal-romany W.Naýpolyň eserlerinden meşhurlarydyr. Ol jemi 14 romanyň we kiçi kyssa eserleriniň ýygyndysynyň, 10 sany esse kitaplarynyň we ýol ýazgylarynyň awtorydyr.*
Terjime eden: Serdar Ataýew. Hekaýalar